# Ykbalymmy ýa mendimmi armanly…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ykbalymmy ýa mendimmi armanly… YKBALYMMY ÝA MENDIMMI ARMANLY…



Gözüm ýaşly, ýüregimde gaýgy bar,
Ykbalymmy ýa mendimmi- armanly?
Gaýşarmadym, kelçermedim, gülmedim;
Bu ejiri maňa bereriň ýaly
Haka şükür etdim her bir günümde,
Köp garaşdym, dolanarňa, gelerňe.
Pikirlenýän,
nirde günä ýol tutup,
Sebap boldum bu ejiri bererňe.

Elmydama söýgi berdim ynamly,
Mätäçlere kömek berdim, gol ýapyp,
Söýgimi aldylar – ynammy ýakyp,
Kömegmi aldylar elimden kakyp.

Men hem ynsan, mende-de bir duýgy bar
Sabrymyň hem belli ýerde çägi bar.
Söýgim beriň – göterilmez dagy bar,
…Ykbalymdan armanym bar, arym bar…

Tumar TEMIROWA. Goşgular